# Koronawirus günleri

Category: Kitapcy,Psihologiýa,Publisistika
написано kitapcy | 23 января, 2025
Koronawirus günleri KORONAWIRUS GÜNLERI…



Hamana diýersiň, nijeme aýlar geçen ýaly bolýar göwnüme, emma öýden çykman oturanymyza şu gün bir ýarym aý boldy. Adam pahyr bir ýerde köp oturyberse, dört diwar üstüňe ýykylaýjak ýaly umytsyzlyga düşüberýän ekeni.
Edil ýöne ylmy-fantastiki kinofilmiň gahrymanlary ýaly bolaýdyk.
Aslynda ýurdumyzda bolup geçýän zatlar umuman alanda adatdan daşary geň-taňsy wakalaryň bolup geçýän fantastiki kinofilimiň epizodlaryna juda meňzeş. Şindi işiň içine koronawirus, pandemiýa, pylan-pysmydan dagylar aralaşdy welin, ylaýyk ylmy-fantastiki kinofilmiň senariýasyna öwrüldi duruberdi.
Galyberse-de; biziň özümiz pop erigini ymam erigine öwürmäge, organiki şerbet öndürmäge, azan okaýan sagat oýlap tapmaga, «bir salawatda sen çek» maksatnamasy ýaly ylym dünýäsini sarsdyran oýlap tapyşlar bilen elmydama ylma üns berýän ýurt bolup geldik. Indi bolsa sirke bilen korona wirusyny öldürjek bolýarys!
Özgeleriň kyn gününe begenip: «Oh, ýeke däl ekenim» diýen pikirde öz-özüne teselli berýän erbet niýetli ýoldaşlar deýin, «Bolýa-la, diňe biz däl ahyryn, bütin dünýä şol bir meseleden çaýkanyp dur, biz ýene olardan elhalrak» diýip öz-özümize zügürt tesellisini berýäris.
Hemmeleriň aklynda-oýunda şol bir soraglar aýlanýar: ‘‘Haçan gutararka? Gutararmyka beri? Gutaran ýagdaýynda ýaşaýyş öňküsi ýaly dowam edermikä?»
Mundan beýläk hemme zadyň öňki-öňkülik boljagyny hyýal etmek, meniň pikirimçe içinde gezip ýören ylmy-fantastiki modelimize

gabat gelmänem duranok, emma dünýäni barmagynda pyrlap oturan daşarky güýçler muňa idin berer öýdemok.
* * *

Geçen hepde bary-ýogy iki sagat galanda habar berlen köçä çykma gadagançylygy sebäpli dörän ber-başagaýlykdan soňky bu hepdede imisalyk höküm sürýär.
Bu ýüze çykan ýagdaý üçin köp kişi halky ýazgardy, millet görgülini jahyllykda aýypladylar… Eýse näme, dünýäniň niresinde bolanyňda-da, halkyň pikir etmeýän bir zadyny bary-ýogy iki sagat galanda mälm edilse, bolmanam başagaýlyk dörär.
Ýörite hünärmen bolmagyň hajaty ýok, diňe ylymdan, jemgyýetçilik dolandyryşyndan, sosiologiýadan, psihologiýadan az-owlak habarly bolan ýolbaşçylaryň bular ýaly wakany öňünden çaklap bilmezligi mümkin däl!
Biziň häkimiýetimize daşyndan syn edilende, göýä diýersiň aklyna al kakmyş bir jyn kelleliniň ýadyna bir zat düşýär, onam hil bir täze zat oýlap tapan ýaly ýanyndakylara aýdýar, onsoň ol aýdylan pikiriň ne öňi, ne yzy, ne-de getirjek netijesidir döretjek täsiri ara alyp maslahatlaşylman, hünärmenlerdir bilermenlere geňeşilmän aýdylşy ýaly göni ýerine ýetirilýän görnüşi berýär.
Daş-töweregimiz şeýle pikiri bolsa-da zikiri ýok, düşünme ukybyny kosmosa raketa uçurmak ýaly çylşyrymly iş hasaplaýan, diňe aýdylany edip wyždanyny köşeşdirýän, «Biz elimizden geleni etdik» diýip bilýän adamlardan doly.
‘‘Ýalňyşan ekenik» diýip, yzyndanam ‘‘ýalňyşmaýan adam ýok» düşünjesinden ugur alyp goýberen ýalňyşlygyny ýatdan çykarmak, eden ýalňyşlygyň hiç hili öwezini dolman zat bolmadyk ýaly durmuşa müýnsüz dowam etmek biziň ýurdumuza mahsus bolan bir däp bolmaly.
Iň esasy zadam, bu goýberilen ýalňyşlygyň netijelerine döz gelmelileriň şol ýalňyşlygy edenlere alkyş okamagy. Alanam razy, berenem! Bizem ynha şoňa düşünmän ele galam almaly bolduk!
Bu hepde nähili boldy?
Işi öz prosedurasyna laýyklykda ýerine ýetirdiler welin,

adamlarda howsala-da bolmady, başagaýlygam döremedi. Diýmek, işi düzgünine görä-de edip bolýan eken-ä!

* * *

Başymyzdan geçýän şunça kynçylyklarymyzy az görýän ýaly, indem jezalary ýerine ýetiriş kanunyny çykardylar.
Ilki “aýal-gyzlara garşy zorlukly jenaýatlar we jyns çygryndaky jenaýatlar muna girenok” diýdiler.
Ýogsam bolmasa, bu kanun Ýokary halk mejlisiniñ (TBMM) komissiýasyndan geçmegi üçin orta atylypdy, özem bu jezalary ýerine ýetiriş kanunynyñ içinde jyns çygryndaky jenaýatlara we aýal-gyzlara howp döredip biljek birentek jenaýata günä geçişligiñ boljakdygyny añladýan birnäçe maddalar bar.
Hünärmen hukukçylar Türkiýe respublikasynyñ kanunlarynda «aýal-gyzlara garşy zorluk» kesgitlenen jenaýat ýokdugyny, şonuñ üçin hem bu «Günä geçişligiñ» zenan ganhorlarydyr ejize ganym bihepbeleriñ günäsini ýeñletmek üçin aýal-gyzlaryñ we çagalaryñ jan saglygyny göz öñüne tutmazdan kabul edilen ýagdaýynda, dürli agyr jenaýatlardan, aýal-gyzlara zorlukly şikes ýetirmekden, aýal-gyzlary we kämillik ýaşyna ýetmedik çagalary zorlamakdan, ogurlykdan, narkotiki serişdeleri öndürmekden we satmakdan oturan 90 müñ tussagyñ azatlyga çykarmak üçin ýolunyñ açylandygyny aýdýarlar.
Hem maddy, hem ruhy taýdan alaçsyz galan şu kyn döwrümizde koronawirus belasyny az görýän ýaly ondan has beterlerini gaýtadan aramyza saljak bolýarlar!
Häzir işi-güýji barlaryñam işsiz galyp, garamaýak görgüliniñ «Biz indi näalaç ederkäk?» diýip elewreýän, maddy we ruhy taýdan ejizlän şu agyr ýagdaýymyzda 90 müñ işsiz-güýçsüz tussagy aramyza goşmaga taýýarlanýarlar.
Uzyn gepiñ gysgasy: bizde korona gutarsa-da, dert gutarmaz!
Ýurdumyzda koronawirusdan has howply we olaryñ garşysyna hiç bir goragymyz bolman biçäre bolup galynan şeýle bir köp mikrop bar welin…
Üstesine daşardakylary az görýän ýaly, içeri dykanlarynam goýberýärler.

Görnüşi ýaly, oňaýly çäre gözläp öňüni alyş işlerine geçirmegiň deregine, wakalary öz akymyna goýberip, bu meselelerde-de bizi öz najatymyza garamaga, özümizi özümiziň goramagyna garaşýarlar.
Biz bize ýeteris, Türkiýe!

Pynar TURAN.

18.04.2020, «Sözcü» gazeti.

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW,
Stambul uniwersitetiniň talyby. Publisistika